# Paganini

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Paganini PAGANINI*

*«Ýagşynyñ gadry il bilmez,*
*Ýagşy uzakda bellidir».*
*Magtymguly.*

Maestro Paganini,
Sen adammy,
Ýa-da jynmy?!
Ýeke tarda
Gyjagyñy
Agladyp bileniñ çynmy?!

Çynmy göriplikden ýaña
Tarlaryñy gyranlary?!
Çynmy saña
Dindarlaryñ
Kän muşakgat berenleri?!

Çynmy ähli at-tituly,
Baýraklary ret edeniñ?!
Korolyñ çakylygyna
Gitmän, meýhana gideniñ?!

«Meniñ pirim pişik!» diýip
Pişige uýanyñ çynmy?!
Napoleonyñ iki sany
Uýasyn söýeniñ çynmy?!

Çynmy söýen gyzlaryñy,
Jadylap, telbe edeniñ?!
Çynmy çalan sazlaryñy,
O dünýä alyp gideniñ?!

Çynmy nota geçirmäniñ,

Özgeler ogurlap öýdüp?!
«Jynyñ» ýazan sazlaryny
Ynsan eşitmezmi gaýdyp?!

Buthananyñ öleniñsoñ,
Kyrk ýyl jaýlatmany çynmy?!
…Maestro Paganini,
Sen beýik adammy, jynmy?!

---

** Nikolo Paganini (1782-1840) – belli italýan gyjakçysy, kompozitor.*

Hemra ŞIROW. Goşgular